Lukmançylyk we biologik fizika fizika ylmyny biologiýa we lukmançylyk bilen baglanyşdyrýan ulgam bolup, adam saglygyny goramakda we bejermekde köp taraplaýyn çözgütler hödürleýär. Bu ugur adam bedeniniň işleyişini has gowy düşünmek we saglygy goraýyş tehnologiyalaryny kämilleşdirmek üçin ylmy usullara esaslanýar.

Lukmançylyk fizikasy rak keselleri, radioterapiýa we diagnostika usullary ýaly pudaklarda ulanylýan tehnologiýalary we usullary ösdürmäge gönükdirilendir. Mysal üçin, rentgen we tomografiýa enjamlary lukmanlara içki organlary görüp bilmäge mümkinçilik berýär. Magnit rezonansly şekillendiriş tehnologiýasy bolsa beýni, ýürek we beýleki organlaryň işini has takyk gözlemekde ulanylýar.

Biologik fizika biologiki ulgamlar bilen fizika ylmynyň arasyndaky baglanyşygy öwrenýär. Mysal üçin, öýjükleriň kinetiki hereketi, gan akymynyň dinamikasy we bedende molekulalaryň geçişi biologik fizikanyň esaslaýyn barlag ugurlarydyr. Bu usullar biologiýany diňe bir öwrenmek bilen çäklenmän, bedeniň işjeň proseslerini modellemäge we täze diagnostika usullaryny tapmaga ýardam edýär.

Sanly tehnologiýalar lukmançylyk we biologik fizikanyň işini has-da kämilleşdirýär. Mysal üçin, emeli intellekt ulgamlary biologiki maglumatlary analiz etmekde has çalt we takyk mümkinçilikleri hödürleýär. Şekillendiriş tehnologiýalary we sanly analiz programmalary lukmanlara has ygtybarly diagnoz goýmakda we netijeli bejergi meýilnamalary düzmekde kömek edýär.

Geljekde lukmançylyk we biologik fizika has köp ösüş gazanar. Kämilleşdirilen tehnologiýalar arkaly adam saglygyna has çuňňur düşünmek we has gowy bejergi usullaryny döretmek mümkin bolar. Mundan başga-da, bu ugurda geçirýän ylmy barlaglar we hünärmenleriň taýýarlanmagy jemgyýetiň saglyk derejesini ýokarlandyrmaga uly täsir eder.

**Mähri DAŇATAROWA**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025